# «Perişdeli» gije / hekaýa

Category: Hekaýalar,Kitapcy,Satiriki hekaýalar
написано kitapcy | 23 января, 2025
"Perişdeli" gije / hekaýa

"PERIŞDELI" GIJE

– Biotok diýeniňde bir zat ýadyma düşdi.
– Ýeri bakaly…
– Ýadyňdadyr. Bir döwür bolandyr, on-on bäş ýyllykda. Şeýle bir elleri biotokly köpelendir welin, hatda şolar bilen elleşäýseň dagyn, edil 220 woltluk togy elläne dönäýýäň diýerdiler. Serreldäýýärmişin. Onsoň öz aýalyň elini ellemäge-de ýaýdanyp duransyň.
– Hawa-aý, şeýl-ä bolupdy.
– Ana, şol günleriň birinde olaryň biri biziň obamyza-da geljekmiş diýen gürrüň ýaýrady. Aý, ýok, gürrüňem däl, hakyt gapylaryňa çenli bildiriş ýelmäp çykdylar. Güýçlüsi bolmaga çemeli, gelmeziňden öňürti "dow-dowy" ýetdi oň, derdiň bolsa, biotogu bilen güm edäýýärmiş.
– Ýeri, onsoň?!
– Onsoňy şol. Şeýle bolansoň, ony obanyň sport meýdançasynda garşylamak karara gelindi. Sporta gatnaýan oglanlara meýdançanyň ot-çöpüni çapdyrdylar, arassalatdylar. Hatda päsgel bermesin diýip, meýdançanyň iki çetindäki garalyp duran demir derwezeleri hem goparyp zyňdylar.
– Beh…
– Behiň has ulusy heniz öňde, gardaş. Ine, bellenilen günem gelip ýetdi. Öýleden soň hemmäniň ýüzi obaň çetine tarap. Geçen hepde togsan ýaşyny bellän Akja mama näme diýersiň, agtygynyň at arabasyna aslyşyp, şolam ilden öňde-how. Garasaý, sport meýdançasy öňde-soňda görmedigini gördi-dä. Munça adama aýlanyp, çykjak bolsa, Taňňy petekçiňem dat gününe.
– Ýygnananlaryň ählisi dertlimikä?
– Elbetde, galyň görgüliniň hersiniň özüne ýetik derdi bardyr-da. Ýöne sen azrak sowal ber-de, köpräk diňle!

– Bolýar, bolýa.
– Hawa, geljek myhmana köp garaşmaly bolmadyk. Gün ýaňy aşak sallanyp ugran uçurlary, nätanyş maşyn gelip, ýörite niýetlenen aýmançada saklandy. Oba adamlary ony "geldi-de-geldi" bolşup garşy aldylar.
Bizem bir üýtgeşik adam görjek. Maşyndan düşen ak eginbaşly aýalyň obamyzyňkylardan tapawutky ýeri ýok eken-le.
Myhman ulagdan düşüşine ýygnanan mähellä birlaý göz aýlady. Soňra bolsa, obamyzyň medeniýet boýunça orunbasary Amanja Taganowa bilen tirkeşip öňe çykdylar. Ilkinji söze Amanja Taganowa başlady. Ol myhmanyň dogulyşyndan başlap, tä ýaňyja gelip, maşyndan düşen wagtyna çenli geçen ömür ýoluny gürrüň berdi. Ondan peýda tapan näsaglaryň ummasyzdygyny nygtady. Şol bejerilen adamlaryň arasynda birlän-ikilän ajaly ýetip, pany bilen hoşlaşany bolaýmasa, galanynyň sag-aman gymyldaşyp ýörendigini dabara bilen belläp geçdi. Umuman, ony dadymyza hut wagtynda ýetişen perişdä çenli meňzedip goýdy. Tanyşlyk pursady tamamlanandan soň "Perişde" myhman işe başlady:
– Hemmäňiz maňa üns beriň! Barmaklaryňyzy bir-biriniň arasyndan geçiriň. Soňra ýokary göteriň we kelläňiziň arkasyna geçiriň!
Aýdylany etdik.
– Gözleriňizi ýumuň! Üns beriň! Gözleriňize nämeler görünýär?
Gepi uzaldyp nädeýin, garasaý, ol bize bir sagatlap bejergi geçdi. Has aýgytlysy heniz öňde bolsa nätjek. Iň soňunda ol bize tabşyrdy:
– Indi öýli-öýleriňize gaýdyň-da, irgözinden düşege geçiň. Ýöne, üns beriň! Ýatjak otagyňyzda özüňizden özge kişi ýatmasyn. Penjiräňiz we gapylaryňyz açyk bolsun! Ýene-de üns beriň! Ýatanyňyzda gowy-gowy dilegler edip ýatyň. Ýöne uklamak bolmaýar. Gijäniň belli bir wagtynda biziň kömekçilerimiz siziň ýatan otagyňyza bararlar we derdiňize em ederler. Dilegleriňiz-de hasyl bolar. Ýöne gorkmaly däl. Ol barjaklar dürli hili janly-jandaryň ýa ynsanyň sypatynda bararlar.
Kimiň bejergini gap bilinden döwesi gelýär?! Eňdik öýli-öýümize. Men-ä gele-gelmäne hasyr-husyr işe girişdim. Agşamlygymy-da çalak-çulak edinip, ýerime geçdim. Gelse

gelibersin, nähili perişde bolsa-da, men taýýar! Bolup ýörşüme öýdäkiler gülen bolýarlar. Gülübersinler. Etjek arzuwlarym hasyl bolanda, üstümden gülendikleri üçin utanarlar.
Ýöne gelmeli perişde hiç gelibermedi. Onda-da özüme göwünlik berýän. Obanyñ hemme öýüne aýlanyp çykjak bolsa, olara-da wagt gerek. Ýöne dañ atmanka maña-da gelip ýetişäýseler.
Ine, birdenkä gapyda bir gara gözüme kaklyşan ýaly boldy. Oh-ho-o, geldi öýdýän. Gelibersin bakaly. Dogrudanam, ýalñyşman ekenim. Bir seretsem, gapydan biri egreljiräp girip gelýär. Ýöne näme üçindir ol gapynyñ iç ýüzünde aýak çekdi.
– Aman, Aman, ýatdyñmy?
"Beh, bu nähili beýle bolýar-aý?! Eşidilýän ses aýalymyñka meñzeş-le. Asyl, sypaty hem şonuñky. Wah, geljek bolsañ başgarak görnüş tapmadyñmy diýsene. Öñem-ä… Onsoñam, ol geljek peri adyñy tutup, zowladyp durar diýmändi ahyryn. Ýatybereýin hany, soñy neneñsi bolarka?!"
Gapyda garalyp duran gara ýene-de adymy tutup, birki ýola gygyrdy. Menem "hä" bermän ýatyryn. Hyk-çok edip çykyp gitdi.
Gidensoñ, galdym bir derde. Beh, ýañky gelen, dogrudanam, gelmeli perişde bolaýmasyn?!
Ahmyr edip ýatyşyma ýene-de esli uklapdyryn. Ine, birdenkä gapyda ýene-de hälki gara peýda boldy. Ýöne bu gezekki gelşi gaty haýbatlydy. Ol göni gelip, gapdalymda çökdi.
– Aman, men saña diýýän! Meni äkitjekmi ýa göbegenäni goñşulardan gözläýinmi?
Ýerimden zöwwe galypdyryn. Hakykatdanam, gapdalymda gözlerini ýaşlap, buruljyrap oturan öz gelnim. Oñ bu gün-erte köpelmelidigi hakydama şol wagt gelýär. Bar zady taşlap eñsik bäbekhana. Hernä wagtynda baraýypdyrys. Bolmasa-ha… Yzymda näçe perişdäniñ geleninden habarym ýok. Ýöne daña golaýa gyzymyz boldy. Ynha, halypa, meniñ-ä perişdeli kyssam şu.

Öwezgeldi ORAZGYLYJOW.

Satiriki hekaýalar